***Biziň ýurdumyzda syýasy forumlaryň, halkara maslahatlaryň köpugurly çäreler bilen utgaşdyrylyp, baýramçylyk ruhunda geçirilmegi indi asylly däbe öwrüldi. Munuň özi Gahryman Arkadagymyzyň halklaryň dostlukly gatnaşygy bilen bagly her bir işe diňe däp bolan resmi kadalar esasynda däl-de, yssy mähir, ýürek ýylysy, "Gelen döwlet", "Myhman atańdan uly" diýýän halkymyzyň ýokary myhmansöýerligi bilen çemeleşmegi netijesinde şeýle bolýar.***

Bu hakykata türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Balkan welaýatyna iş saparynyň wakalaryna ser salanyňda-da aýdyň göz ýetirýärsiň. Hormatly Arkadagymyz saparyň dowamynda BMG bilen hyzmatdaşlykda guraljak iri forumyň çäreleriniň ýaýbaňlandyryljak ýerlerinde bolup, taýýarlyk işleri bilen içgin tanşyp, ähli zada ýiti synçy nazary bilen garap, gymmatly maslahatlaryny berdi, tekliplerini beýan etdi. Maslahata gatnaşyjylaryň netijeli işi üçin ähli oňaýlyklaryň döredilmeginden başlap, myhmanlaryň Awazada gezelenç edip, göwnejaý dynç alşynyň üpjün edilmegine çenli hemme zadyň üns merkezindedigi çäreleriň örän göwnejaý derejede geçiriljekdigine birjik-de şübhe goýmaýar.

Milli Liderimiziň ýolbaşçylygynda 13-nji iýulda "Awaza" milli syýahatçylyk zolagynda geçirilen maslahat bolsa Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahatynyň giň gerimine, ägirt uly ähmiýetine has ýakyndan göz ýetirmäge mümkinçilik berdi. Şunda forumyň giň maksatnamasy beýan edilip, öňde duran wezipeler anyklaşdyryldy, jogapkär düzümlere berk talaplar bildirildi. Ýol aýdyň bolanda, ýöremegiň ýeňilleşýändigi, ädimleriň tizleşýändigi bellidir.

**Röwşen TÄŞLIÝEW,**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy.**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026